# Hoşeýa pygamberiň kitaby

## Giriş

Hoşeýa pygamber Amos pygamberden soň ýaşan pygamberdir. Ol Hudaýdan gelen ylhamy Demirgazyk Ysraýyl patyşalygynda kabul edýär. Hoşeýa demirgazyk paýtagtyň, ýagny Samariýanyň biziň eýýamymyzdan öň 721-nji ýylda synmagyndan ozal bolan muşakgatlyk döwründe pygamberlik edýär. Halkyň butparazlyga ýüz urup, Hudaýa dönüklik etmegi Hoşeýa pygamberiň örän gynandyrýar. Ol bu dönükligi aýdyň görkezmek üçin, zynagär aýala öýlenýär. Aýalynyň oňa dönüklik edişi ýaly, ysraýyl halky hem öz Hudaýyna dönüklik edýär. Pygamber olaryň şeýle biwepalyklary öz üstlerine jeza bolup injekdigini aýdýar. Emma iň soňunda Hudaýyň Öz halkyna bolan sadyk söýgüsi (2:19; 4:1; 6:4, 6; 10:12; 12:7). Onuň gahar-gazabyndan üstün çykýar. Hudaý söýgüli halkyny Özüne gaýtaryp, gatnaşygy dikeldýär. Hudaýyň sadyk söýgüsi 11:8-de şeýle beýan edilýär: «Eý, Efraýym, Men senden nädip el çekeýin? Seni nädip terk edeýin, eý, Ysraýyl?… Kalbymda ýüregim gobsundy. Meniň mährim ýylady».

### Mazmuny

Hoşeýanyň nikasy we maşgalasy 1:1—3:5
Ysraýyla garşy pygamberlik 4:1—13:15
Ysraýyl halky toba edensoň, Reb wada berýär 14:1-10

## 1-nji bap

1 Ýahudada Uzyýanyň, Ýotamyň, Ahazyň hem
Hizkiýanyň; Ysraýylda Ýowaş ogly Ýarobgamyň patyşalyk
eden döwründe, Beýeriniň ogly Hoşeýa Rebbiň sözi aýan
boldy.

### Ysraýyl biwepalyk edýär

2 Hoşeýa Rebbiň sözüniň başlangyjy:
Reb Hoşeýa aýtdy: «Git-de, zynagär aýala öýlen.
Ondan nikasyz çagalar bolsun.
Çünki bu ýurt Rebden daşlaşyp, bütinleý zyna edýär».
3 Onsoň Hoşeýa gidip, Diblaýymyň gyzy Gomere öýlendi.
Ol göwreli bolup, Hoşeýa üçin bir ogul dogurdy. 4 Reb oňa
aýtdy:
«Ogluň adyna Ýizregel[1] dak,
çünki az wagtdan Ýizregeliň gany üçin,
Ýehunyň nesline jeza bererin,
Ysraýyl patyşalygyny tamamlaryn.
5 Şol gün Ýizregel deresinde
Ysraýylyň ýaýyny döwerin».
6 Gomer ýene-de göwreli bolup, gyz dogurdy.
Reb Hoşeýa aýtdy: «Gyzyň adyna Loruhama[2] dak,
çünki mundan bu ýana Ysraýyl öýüne rehim edip
günälerini geçmerin.
7 Ýahuda öýüne welin rehim ederin.
Men olary ýaý, gylyç, uruş, atlar ýa atlylaryň üsti bilen
däl-de,
özleriniň Hudaýy Rebbiň güýji bilen halas ederin».
8 Gomer Loruhamany süýtden aýransoň, göwreli bolup,
ogul dogurdy. 9 Reb Hoşeýa şeýle diýdi:
«Adyna Logammy[3] dak.
Çünki siz-ä Meniň halkym däl,
Menem siziň Hudaýyňyz däldirin.

### Ysraýyl Hudaý bilen ýaraşýar

10 Ysraýyl ogullary deňiz kenaryndaky çäge ýaly
san-sajaksyz
we möçbersiz köp bolar.
Olara: „Siz Meniň halkym dälsiňiz“ diýlen ýerde,
„siz diri Hudaýyň ogullarysyňyz“ diýler.
11 Ýahuda we Ysraýyl halklary ýaňadan birleşer,
özlerine bir baş belläp, ýurtda güllärler.
Çünki Ýizregeliň güni beýik bolar».

---

[1] **1:4** ***Ýizregel*** — seret: 2Pat 9:14-37.
[2] **1:6** ***Loruhama*** — bu söz *rehim ýok* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 34:6.
[3] **1:9** ***Logammy*** — bu söz *Meniň halkym däl* diýmegi aňladýar. Seret: Msr 6:7.